# Mährem / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Mährem / hekaýa MÄHREM

Baýna aganyň goşunda gaýyň güjükledi. Ýaşuly çopan muňa bijesi çykan ýaly begendi. Özüniň Akbars, Peleň ýaly algyr, äpet itleriniň bardygy sebäpli, güjükleriň ählisini isleg bildiren kärdeşlerine bermejekdigini öňünden duýdurypdy. Oňa isleg bildiren köp boldy. Ala-böle Baýna aganyň güjüklerine şeýle isleg bildirilmegi ýöne ýerden däl. Tejribeli çopanyň gaýyňynyň güjükleri arassa alabaý häsiýetlidi: örän duýgur hem düşbüdi, möjek ýaly gaýry ýyrtyjylar bilen ýüzleşip-dikleşende, ahmala galan ýeri ýokdy. Garşydaşynyň niresinden agyz urmaly, nädip janagyryly ýerini çeýnemeli – bulary bu alabaýlara ýörite öwretmegiň hajaty ýok. Doglandan şol çeýelige endigi ganyna guýlan olaryň. Eýesine hem sürä wepalylykda olara asla taý ýok. Olar özleriniň ýaşaýşynyň manysyny öz çopan goşuna wepalylykda görýär. Ýaşaýyşda olary gardaşy, syrdaşy saýan türkmeniň arkalylygy şondan bolsa gerek.
Baýna çopanyň gaýyňyndan bolan güjükleri ýaşulynyň garaşygynda ers-mers boldular. Baş çopan-a gaýyňyň agzyna seredýär, gaýyň bolsa güjüklerini süýdünden doýurýar. Şeýdip, biraz wagt geçensoň, Baýna aga güjükleri çopanlara paýlap rahatlandy. Ýöne tokarja güjükleriň keşbi çopanyň göz öňünden gidenokdy.
Ýaşuly çopanyň alaja-mulaja güjüjegi Saparly çopanyň goşuna düşdi. Saparly çopanyň goýun sürüsi Baýna aganyň sürüsine ýakyndy, olar goňşy çopanlardy.
Çolugy Şada ýetirmän garaşyk eden güjüklerinden habar almak üçin Baýna aga ertede-birigünde beýleki çopan goşlaryna aýlanmagy ýüregine düwüp, gozakly ulagynyň o ýerine, bu ýerine seredip çykdy. Ýöne onuň bu islegini ortasyndan bölen bir ýagdaý ýüze çykdy duruberdi. Agyr süri goşa ýakynlaşanda, gaýyňyň ýanyndaky şol alaja-mulaja güjügi görüp, Baýna aga aňk-taňk boldy. Ýüregi her hili iňkise gitdi, ýöne ol howaýy

ynanjyny serinden dessine syryp-süpürip aýyrdy. Sebäbi henize-bu güne çenli onuň peşgeş beren güjüklerine at dakyp, getirip giden ýekeje-de çopan bolmandy.
Şady çoluk Baýna aga geçen wakany gysgajyk düşündirdi. Güjüjek ene gaýyňyň ysyny alyp, ony küýsäp, süriniň gezýän tarapyna gaýdan bolmaly ýa-da gaýyňyň üýren sesini eşidip, öz enesini tanap gelen bolmaly. Gaýyň hem öz güjügini tanansoň, ony birjik-de ýanyndan aýranok, gözünden sypdyranok. Alaja-mulaja güjük-de öz enesini ýitirip tapan soň, onuň aýagynyň äden ýerine ädýär, ýörän tarapyna ýöreýär. Şol wagt ulagynyň tizligini güýçlendirip, Saparly çopan peýda boldy. Ol öz goşunda güjüginiň ýokdugyny bilip, ony agtaryp başlapdyr. Köp ýerleri gözläp, Baýna agany hem habarly etmek üçin ýolugruna sowlupdyr. Güjügiň öz enesiniň ýanyndadygyny görüp, Saparly çopan örän geň galdy.
– Päh, beýle-de bir dogumly, duýgur, özdiýenli, çydamly güjük boljak ekeni – diýip, Saparly çopan haýran galmasyny daşyna çykardy – Bu güjükkä şeýle bolsa, ulalsa dagy batyrlygyň özi bolar. Baýna aga:
– Saparly, gardaş, güjügi ulagyňa at-da, haýdaber! Munuň hakyky köpekdigini ýyllar görkezer – diýdi.
Şu pursatda özüne golaýlaşan çoluga gaýyň hyňranyp seretdi. Onuň güjügini almakçy bolýanyny bilip, güjügi dört aýagynyň arasyna iterdi. Çoluk golaýlaşyberende, gaýyňyň tüýsi üýtgäp, ýiti dişlerini syrtardyp, çoluga hüjüm etmäge ykjamlandy.
– Dek häzir gaýyňa golaýlaşyp bolmaz. Ol öz güjügi üçin ölmäge-de taýyn. Ol indi güjügini aldyrmaz. Sebäbi güjüginiň özüni küýsäp gelenini bildi ol. Ene hamraklygy güýjedi. Soň bir amatyny tapyp, güjügi alyp gidersiň ýa-da özüm eltip gaýdaryn, Saparly gardaş! – diýip, Baýna aga geleni ugratmak bilen boldy.
Ene gaýyň güjügini eý görüp, ýanyndan aýyrmady. Güjüjegem enesinden galman süriniň yzy bilen togarlanyp ýör. Kiçijegem bolsa, ol özünde güýç tapýar: guzujyklar bökjeklese, ol hem iki aýagyny galdyryp, şatlanýar, olaryň hereketine öýkünýär. Guzujyklar mälese, ol dymýar. Howply zat ýüze çykmasa, biderek üýrmek nämä gerek.

Bir gezek şeýle waka boldy. Bir aç möjek «Ýa alarman, ýa ölermen» edip, garaňky gatlyşanda guzuly goýnuň amatyny peýläp, guzujygy gapjak boldy. Çöpe-çöre bukulyp, bagry bilen süýşüp, sürüden gyrada otlap ýören goýny ýaldyrap duran gözleri bilen berk nyşana aldy. Şol wagt Akbars bilen Peleň süriniň çetindedi. Güjüginiň bu goýnuň guzusy bilen gezmeleýşine guwanan ene gaýyň olaryň golaýyndady. Birden ol çalaja şygyrdyny eşitdi. Ýogsam onuň möjek bilen arasy ýüz ädim dagy bardy.
Gaýyňyň duýgurlygyny diýsene. Ol üýşerilip durdy. Çöp başyny gymyldadýan adaja öwüsýän ýel hem ýok. Gaýyň özüniň diňşirgenmegine kän bir ynanmady. Onsoň ol ýerde süýnüp ýatdy-da, topragy ýüregi bilen diňledi. Ynha, indi bar zat belli boldy: möjek golaýdan gizlenip hereket edýär. Ol möjegiň gelýän tarapyny anyklady. Ony goýundyr guza golaýlaşdyrmaly däldi, onuň bilen derrew söweşe girişmelidi. Ol şonuň üçinem güýjüni jemledi, dişlerini şatdyldatdy, okgunlygyna bat aldy. Gaýyň sessiz-üýnsüz möjege tarap okduryldy. Ony gören güjügi-de enesiniň yzyna düşüp moýmuldady.
Möjek ýalynly gözlerini öňe dikip ýatyrdy. Gaýyň ýanyna gapdaldan baransoň, ol onuň golaýyna şeýle çalasyn gelenini aňşyrman galdy. Möjek bilen alabaý garpyşdylar. Gumaksy düzden tozan göterildi. Möjegiň göwresi ene gaýyňyňka garanda güýçlüdi. Gaýyň muny bada-bat aňdy. Ol öz mekirligine daýanmalydy. Onuň bu ugurdan tejribesi ýetikdi. Ýöne möjegem itler bilen, gaýry haýwanlar bilen söweşmegiň emellerini gowy bilýärdi. Gaýyňa öz emelini etmäge maý berenokdy. Birden möjek gaýyňy aşagyna aldy, indi onuň bokurdagyny çeýnese, onsoň goýny ýa-da guzyny arkaýyn arkasyna alyp gidibermelidi. Şol wagt möjegiň art aýagy awap gitdi. Garaşylmadyk ýagdaýda iňňe ýaly dişiň sünjülenini duýan möjek yzyna öwrülende, ene gaýyň onuň alkymynyň ýanyndan agyz urdy. Möjek şol arada aýagyny silkip goýberdi. Şol wagt möjegiň aýagyndan dişlän güjüjek honda atylyp gitdi. Muny duýan gaýyňa bir ýerden güýç geldi. Perzent mähri ony gazaba mündürdi, möjegiň alkymyny şeýlebir çeýnedi welin, onuň uly göwresi bir ýana agdaryldy. Möjegiň demdamaryny kerten gaýyň ony sypdyranokdy, ýogsam möjek eýýäm

ýagty jahan bilen hoşlaşypdy. Ene gaýýňyň möjegiň demligini sypdyrmaýandygynyň sebäbi bardy. Ol öz güjügi edil möjegiňki ýaly ýagdaýa düşendir öýdüp heder edýärdi. Ol şeýle agyr ahwaly görmejek bolýardy. Birden onuň gapdalynda güjüjegi peýda boldy, ol enesine birsyhly süýkenýärdi. Güjüginiň diriligini duýan gaýýň möjegiň bokurdagyny goýberdi.
Ene gaýýň güjüjegini görüp, hamraklyk bilen ysgady, mähir bilen söýüp ezizledi. Gözlerinden bolsa öz perzendine bolan hoşallyk gözýaşlary akdy.
Ertesi gündiz Şady çoluk möjegiň derisini ýülende, onuň art aýagyndaky diş yzlaryny görüp, Baýna agany çagyrdy.
– Bu kiçijik diş yzlary möjegiň aýagyna nädip düşüp ýörkä, Baýna aga?
– Ol güjügiň dişiniň yzy ýaly-la. Möjek gaýýň bilen garpyşyp durka, güjügi baryp dişlän bolmaly. Şondan peýdalanyp hem gaýýň möjegiň alkymyndan alyp, ony mazaly çeýnäpdir.
Öz enesine ýardam eden güjügi Şady çolugyň Saparly çopana gaýdyp beresi gelmedi:
– Baýna aga, beýle berdaşly güjügi özümize galdyraýaly!..
– Güjügi galdyrardyk welin, «Är lebizden, koý bogazdan» diýlen bir mert aýtgy bar. Indi men bu ýaşymda sözümi yzyna gaýdyp alyp bilmen, ogul! – diýip, Baýna çopan güjügi Saparla berjekdigini ýaňzytdy. Ýöne Baýna aga aýtsa aýtdy welin, çoluk ony unamady. Ol içinden: «Menem-ä şu güjügi elden gidermesem gerek» diýip, öz ýanyndan lebiz etdi.
Bir gün Baýna aga gaýýňy naharlap durka, onuň boýnuny kementläp, ýüpüň bir ujuny gandymdan dikilen uzyn gazyga daňdy. Onsoň jübi telefonyndan Saparly aga jaň edip, oňa basym gelip, güjügi äkitmegi tabşyrdy. Biraz wagtdan Saparly çopanyň ulagy goşda peýda boldy. Çaý-nahardan soň Saparly aga güjügi äkitmekçi boldy. Baýna çopan güjügi getirmäge gitdi. Ony görüp duran çolugyň ýüregine ot düşen ýaly bolup, iki ýana zowzuldap başlady. Baýna çopan güjügi getirip, ulagyň içine oklady. Güjüginiň ulagyň içine düşenini görüp, gaýýň urnup başlady. Onuň ýüpi şeýlebir dartyldy, boýnundaky halkasy bolsa ýogyn boýnuna has-da oturyp, ony sypdyrarly däldi. Gaýýňyň bu bolşuny gören Şady çoluk ylgap bardy-da, onuň ýüpüni bilindäki

gülebentli pyçagy bilen kesip goýberdi. Gaýyň badyna baryp, ulagyň ýörejek ýoluny gapsady. Saparly aga ulagy göni gaýyňa tarap sürdi. Ol bir ýana sowlar öýdüp pikir eden bolmaly. Emma gaýyň sarsman, bir duran ýerinden butnamady. Ol asyl gorkyny-ürkini düýpgöter unudypdy. Ol öz perzendi üçin her zatdan gaýtjak däldi. Şonuň üçinem ol özüne ýakynlaşan ulaga arkaýyn bakyp durdy. Saparly aganyň ulagy gaýyňyň alkymyna baryp, jygyldap togtady.

— Pah, munuň mertdigini, gözünem gyrpanok-da — diýip, Saparly aga ulagyndan düşdi.

Ol şeýle diýdi-de, ýoluň gyrasynda ýatan guran sözeni alyp, ite hemle atdy. Alabaýyň alkymyna dykylyp baryp, oňa sözeni çenedi. Gaýyň şonda-da butnaman durdy. Saparly aganyň gözleri gaýyňyň otlukly gözüne düşende, endamy dyglap, tikenekläp gitdi. Ol beýle gazaby, gahary heniz hiç bir ynsan-u-haýwan gözünde görmändi. Saparly aganyň ellerindäki güýji gowşap, sözen töňňesi aşak egildi. Ol sözeni bir ýana zyňyp goýberdi-de, sesini çykarman gelip, ulagyna mündi. Birsellem ulagda oturyp, özüne geldi. Onsoň emaý bilen güjügi gujagyna aldy-da, ulagdan düşüp, göni gaýyňa tarap ýöredi. Güjügini görüp okdurylan gaýyňy görüp, Saparly çopan aşak eglip, güjügi ýerde goýdy. Alaja güjüjek enesini görenden oňa tarap ýumlukdy. Eýýäm gaýyň güjügini aýaklarynyň arasyna geçirip, ony uzyn dili bilen çalt-çalt ýalamaga başlady.

Baýna aga bilen Şady çoluk duran ýerlerinde, haýran galyp, aňalyp durdular. Soň bolsa olaryň ikisem ses-selemsiz öz ugurlaryna gitdiler. Saparly aga bolsa gelip, ulagyna mündi-de, ony otlap, ýuwaşlyk bilen gaýyňdyr güjüginiň gapdalyndan geçip gitdi.

Ulag barha daşlaşýardy. Onuň güňleç sesi kem-kemden ymgyr sähranyň gujagyna siňip gitdi. Gaýyň bilen güjügi şindizem Garagumuň gumak ak ýolunyň üstünde ene-perzent söýgüsi bilen gümrady. Olar bar zady unudypdylar. Olaryň mährine şärik boljak beri barmyka?!.

Şöhrat MÜLKIÝEW,
Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň Aşgabat şäher

gümrükhanasynyň harby gullukçysy, maýor. Hekaýalar